Jaýlar umumylykda raýat we önümçilik maksatlaryna görä bölünýärler. Raýat binalary hem öz gezeginde ýaşaýyş we jemgyýetçilik jaýlaryna bölünýär. Önümçilik binalary senagat we oba hojalyk maksatly jaýlara bölünýär.
Desga bu gurluşykda binadan tapawutlanýan başga bir görnüşdir. Çünki ol ýerde adam ýok ýa-da hemişelik bolmaýar-ýaşamaýar (mysal üçin: turbageçiriji, garaž, diň, bent, köprüler, ammar we ş.m.).
Desga – önümçilik proseslerini ýerine ýetirmek üçin niýetlenen,  ýerüsti we ýerasty bölekleri bolan, göwrümleýin, tekiz ýa-da çyzykly gurluşyk ulgamyny emele getirýän, ýük göteriji, käbir ýagdaýlarda, örtüji gurluşyk konstruksiýalary bolan gurluşygyň netijesidir.
Binalaryň we desgalaryň jogapkärçiligini (ykdysady, sosial we ekologiki şowsuzlyklarynyň netijeleri bilen häsiýetlendirilýär) göz öňünde tutup, olary üç derejä bölýärler: I – ýokarlandyrylan, II – adaty, III – pes şertli.
Binalaryň tipologiýasy – binagärlik obýektlerini umumy aýratynlyklara görä deňeşdirmekde we gatnaşdyrmakda toparlara bölýän we öwrenýän ylymdyr:
– funksional maksatlary boýunça;
– görnüşleri boýunça ;
– giňişlik- meýilnama görkezijileri esasynda;
– şekiliň emele geliş kanunalaýyklygy boýunça;
– şäher gurluşyk funksiýalary we olara bolan talaplary boýunça;
– ulanylyş hili boýunça.

**Diýar PARAHADOW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik-gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены